# Deňiz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Deňiz DEŇIZ

Deňiz näme diýip soranda gyzym,
Ýylgyrdym-da diýdim: – Diňle, ezizim:
Deňiziň ajaýyp gök köýnegi bar,
Gözüm bilen gördüm öten ýyl özüm.

Tylla ýaglygy bar säherde örtýän,
Kä gijlere kümüş donuny geýýär.
Deňiz balyklaryň öýi, mekany,
Deňizde akula, týulenler-de bar.

Deňiz gaharlansa çaýkanýar her ýan,
Akja guşlara-da öňe uç diýýär.
Pagşyl-pagşyl edip güwleýän suwlar,
Kenarda ýarylyp gaýtmaga taýýar.

Aňyrsyna-bärisine göz ýetmez,
Belli däl reňkde suwlary onuň.
Korablllar gat-gat gözel jaý ýaly,
Gözüňi gamaşdyr göräýseň seniň.

Maýagy bar kenarlaryna barsaň,
Uzakdan görünýän ot ýaly gyzyl.
Heýjan elek diýip girseň goýnuna,
Jana ýakymlydyr suwlary hezil.

Deňiziň düýbünden nebit-de çykýar,
Deňizde işleýär güýçli adamlar.
Örän köp wyşkalar hatarma-hatar,
Demir gala ýaly enaýy olar.

Deňize özüňem gidersiň ynha
Görersiň sen ony, hökman görersiň.
Akja ýelekleriň ýaýyp howada,

Maýaklaň ýanyna gezip babarsyň.

Maýaklaň ýanynda maýaga meňzäp,
Duraňda gaýlaryň mümkin bolmagy.
Deňiz ýaly bolgun çydamlyonda,
Başargyn ýerinde aglap-gülmegi.

Akmejal OMAROWA.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular